# TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE MINISTRLIGI

# BUÝRUK №174-0

2013 ý. dekabr "23"

**2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlarynyň ýörelgelerine laýyk gelýän, buhgalterçilik hasaba alnyşyň milli ulgamyna doly geçmek hakynda**

"Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasyny hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulyndaky 11139 belgili kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalar, edaralar we guramalar (bank edaralary muňa girmeýär) 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap buhgalterçilik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny halkara standartlarynyň ýörelgelerine laýyk gelýän, buhgalterçilik hasaba alnyşyň milli ulgamyna (maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna) doly geçmeli.

2. Ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, hususy kärhanalaryň we guramaçylyk hukuk görnüşli beýleki kärhanalaryň, daşary ýurt ýuridik şahslarynyň şahamçalarynyň we wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap buhgalterçilik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanuny we şu Kanundan gelip çykýan beýleki kanunçylyk namalary esasynda işlerini guramak bilen, maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda maliýe hasabatlylygynyň düzülişini we berilişini üpjün etmeli.

3.Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Maliýe ministriniň orunbasary R.Nurýagdyýew gözegçilik etmeli.

**Ministr** **D. Sadykow**